# Aýaksyz adam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Aýaksyz adam AÝAKSYZ ADAM

Ol iki aýaksyz,
oňa juda kyn,
Ýöne öz bolşundan kemsinenok ol.
Agyr güni hakda,
kynçylyk hakda,
Illeriň ýanynda dem syzanok ol.

Aýaklaryn ganly jeňde galanyn,
Maýyp bolanyny ilden görenok.
Ýa-da «bir okunda kyrk duşman urup»,
Döşüne ýumruklap öwnüp ýörenok.

Süýrenip ýörenok,
tigirçeklem däl,
Agaç aýak! Öwrenişip gidipdir.
Watana buýsanjy,
hem namys-ary
Şeýdip ýaşamaga borçly edipdir.

Sona ÝAZOWA. Goşgular